Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 49 (132) 2025-nji ýylyň 10-njy iýuny



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

Syýasy habarlar

**2-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Italiýa Respublikasynyň Prezidenti Serjio Mattarella, Italiýanyň Ministrler Geňeşiniň Başlygy Jorja Melonä we ýurduň dostlukly halkyna Italiýanyň milli baýramy — Respublika güni mynasybetli ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**2-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet saparynyň çäklerinde Mongoliýanyň Beýik Döwlet Huralynyň Başlygy Daşzegwiýn Amarbaýasgalan bilen duşuşdy.

***

**2-nji iýunda** Ulan-Batorda hormatly Prezidentimiziň Mongoliýa amala aşyran döwlet saparynyň çäklerinde iki dostlukly ýurduň döwlet Baştutanlary Serdar Berdimuhamedowyň we Uhnaagiýn Hurelsuhyň arasynda gepleşikler geçirildi.

Ynanyşmak we işjeňlik ýagdaýynda geçen gepleşikleriň dowamynda, uzak möhletli geljegi hasaba almak bilen, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary anyklaşdyryldy.

***

**3-nji iýunda** ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni bellenildi. Bu halkara baýram mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy.

***

**4-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow jenap Li Çže Mýona Koreýa Respublikasynyň Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

***

**4-nji iýunda** Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 75-nji umumy mejlisinde Türkmenistan BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 2026-2028-nji ýyllar döwri üçin agzalygyna saýlanyldy.

***

**5-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Şwesiýanyň Patyşasy Karl XVI Gustawa we ýurduň ähli halkyna Şwesiýanyň Milli güni mynasybetli ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**5-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkianyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Döwlet Baştutanymyz hem-de dostlukly goňşy döwletiň Prezidenti mähirli salamlaşyp, birek-birege we iki ýurduň doganlyk halklaryna mukaddes Gurban baýramy mynasybetli gutlaglaryny beýan etdiler hem-de mübärek günlerde beriljek sadakalaryň, ýagşy doga-dilegleriň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg etdiler.

***

**5-nji iýunda** Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralary tarapyndan şu ýylyň ýanwar — maý aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijelerine seredildi.

***

**5-nji iýunda** Nýu-Deli şäherinde Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Hindistan Respublikasynyň Daşary işler ministri Subramanýam Jaýşankaryň arasynda duşuşyk geçirildi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### BÜTINDÜNÝÄ WELOSIPED GÜNI MYNASYBETLI DABARALAR GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 3-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda sagdynlygyň we ruhubelentligiň halkara baýramy — Bütindünýä welosiped güni mynasybetli sport çäreleri ýaýbaňlandyryldy.



Bu dabaralara mugallymlardyr talyp ýaşlar uly höwes bilen işjeň gatnaşdylar.

Bilşimiz ýaly, häzirki wagtda welosiped sporty ekologiýa abadançylygyna we ynsan saglygyny berkitmäge ýardam berýän sportuň meşhur görnüşleriniň biridir. Şoňa görä-de, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde 3-nji iýunyň «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň kabul edilmegi möhüm ähmiýete eýedir.

### СОСТОЯЛСЯ КОНКУРС «МНОГОЯЗЫЧИЕ КАК КЛЮЧ К ЭФФЕКТИВНОМУ ОБЩЕНИЮ»

3 июня 2025 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана, в честь дня рождения великого русского поэта Александра Сергеевича Пушкина — 6 июня, состоялось знаменательное событие – конкурс «Многоязычие как ключ к эффективному общению». Настоящее мероприятие, призванное подчеркнуть важность изучения языков, организовала кафедра мировых языков института.

Как известно, в этот день – 6 июня, в рамках программы поддержки и развития многоязычия и культурного многообразия, в Организации Объединенных Наций отмечается День русского языка.

Произведения Александра Сергеевича Пушкина объединяют людей всех возрастов, вероисповеданий, национальностей, переводятся на десятки языков мира. В Туркменистане большое внимание уделяется изучению иностранных языков, в том числе русского, который является языком межнационального общения в Туркменистане.

### A MEETING DEDICATED TO THE BOOK BY HERO ARKADAG “JEWEL OF THE MIND”

On June 4, 2025, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted a meeting among female students dedicated to the educational significance of the literary-philosophical work “Jewel of The Mind” by our Hero Arkadag.

The event was attended by Bibigozel Mammedova, a librarian at the State Library of the State Cultural Center of Turkmenistan and an active member of the Central Council of the Women's Union of Turkmenistan, as well as Ogulnabat Ovlakova, a teacher at secondary school №51 in Ashgabat and along with students and faculty members of the Institute.

The speakers emphasized that the scientific and philosophical works of the National Leader of the Turkmen people are a valuable resource in educating the younger generation in the spirit of patriotism, high moral values, and humanism.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# Туркменистан и Монголия:
## новый этап дружбы и стратегического сотрудничества

В начале июня внимание политических обозревателей было приковано к Улан-Батору — столице Монголии. Именно сюда с государственным визитом прибыл наш уважаемый Президент. По завершении визита, который завершился 2 июня 2025 года, стало ясно: отношения двух государств выходят на принципиально новый уровень. И дело не только в подписанных документах, а в куда более глубоком символическом и геополитическом — значении этой встречи.

Отношения между Туркменистаном и Монголией отмечены взаимным уважением, дипломатической сдержанностью и стремлением к равноправному диалогу. Однако в последние годы они приобретают черты более активного и структурированного партнёрства. Июньский визит Президента Сердара Бердымухамедова в Улан-Батор стал подтверждением обоюдной готовности укреплять политический, экономический и культурный фундамент двустороннего взаимодействия.



Президент Монголии Ухнаагийн Хурэлсух принял туркменского лидера с высшими государственными почестями, что само по себе говорит о значимости контакта. В ходе переговоров лидеры двух стран обсуждали не только текущие вопросы сотрудничества, но и очертили контуры будущих инициатив, затрагивающих целый спектр направлений — от энергетики до образования, от транспорта до информационных технологий.

Главным практическим результатом визита стало подписание ряда межправительственных и межведомственных соглашений. Эти документы направлены на расширение правовой базы взаимодействия, что, без сомнения, придаст дополнительный импульс экономическому и культурному обмену. Среди них — соглашения в области транспорта, науки и образования, экологии и сельского хозяйства.

Также необходимо особо отметить и тот факт, что в ходе двусторонних переговоров был подписан Меморандум о взаимопонимании между Институтом международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана и Школой политических наук, международных отношений и общественного управления при Национальном университете Монголии.

Особое внимание стороны уделили вопросам устойчивого развития и экологической безопасности. Это особенно актуально в условиях глобальных климатических вызовов, с которыми сталкиваются обе страны — имеющие обширные засушливые территории и традиционно ориентированные на бережное отношение к природным ресурсам.

Этот визит невозможно рассматривать вне контекста геополитической обстановки в Центральной Азии. Туркменистан, придерживающийся политики позитивного нейтралитета, традиционно стремится к выстраиванию конструктивных отношений со всеми соседями и региональными игроками. Монголия, находясь на стыке российских, китайских и центральноазиатских интересов, становится всё более заметным партнёром на международной арене.

Факт активизации туркмено-монгольского диалога — это не просто протокольное сближение. Это сигнал региону и миру: страны с разными географическими положениями и политическими традициями способны выстраивать прочные и взаимовыгодные отношения, опираясь на принципы уважения, открытости и взаимного развития.

Обсуждение вопросов гуманитарного сотрудничества, обмена студентами, совместных культурных программ — всё это создаёт основу для более глубокого взаимопонимания между туркменским и монгольским обществами.

Итоги визита уважаемого Президента это событие, которое должно быть осмыслено шире — как часть стратегического курса Туркменистана на расширение круга международных партнёров, развитие внешнеполитической многовекторности и формирование нового качества международных связей.

**Мяхрибан МАММЕДОВА,**
студентка III курса факультета
экономических отношений.

# Central Asia and Italy:
## Modern Cooperation of Ancient Civilizations

***Central Asia is the center of advanced civilizations in ancient and medieval times as well as a center of trade, science, knowledge, and culture. There is such a saying in antiquity in the Middle Ages, "All trade routes began from Merv". Indeed, such large cities as Merv, Nisa, Samarkand, Abywerd, Bukhara, Fergana, and Gurgench were the largest cultural and socio-economic centers of the Middle Ages. Moreover, this historical region was also a unique bridge between the East and the West. In this regard, the positive cooperation between the Republic of Italy, the ancient cultural center of the West, and the states of Central Asia deserves special mention.***

Today the Central Asian region is setting a high example of unity, good neighborliness, and comprehensive development for the world. Thanks to the joint efforts of the regional states, Central Asia has become more united, stronger, more open for positive cooperation and dialogue, and therefore its influential role in the international space is growing. It is considered a positive space of opportunities and a region with stability in economic and political terms. In the conditions of changing geopolitical and geo-economic situations, the development of bilateral cooperation in international relations is an important task. In this regard, the relations between the countries of Central Asia and the Republic of Italy are important priority of World community.

Italy is an ancient cultural and developed socio-economic center of Europe. Cooperation with Italy is an important part of the foreign policy of the Central Asian states. The first summit of the heads of state in the "Central Asia-Italy" format, held on May 30, 2025 in Astana, the Republic of Kazakhstan, with the participation of the heads of state. It was the beginning of a new stage in the development of bilateral and multilateral relations.

History never disappears. It is always preserved in the ancient pages of history. As our esteemed President noted in his historical speech at this summit, the relations of the Central Asian states with the Italian Republic date back millennia. The Great Silk Road, which began in the Chinese city of Xi'an and extended to Rome and Venice, passed through Central Asia. This proves that the trade-economic, cultural and scientific relations of the fraternal nations date back to ancient times.



During the epoch of the New era of the Revival of the Powerful state, our Motherland has become an eternal place of friendship and brotherhood, prosperity. Today, when we talk about the milestones of our wonderful era, it is important to note the long-term outlook as well as the reforms that are reviving the world. Our Esteemed President Serdar Berdimuhamedov notes: "We are open to all countries and peoples of the world. We intend to further develop relations with them in the trade and economic, cultural and humanitarian, and scientific and educational spheres." In this regard, it is necessary to emphasize about the Turkmen-Italian relations. The bilateral meeting of our esteemed President with the Prime Minister of the Republic of Italy Giorgi Meloni within the framework of visit of the President of Turkmenistan to Astana proves the great interest of both sides in promoting this cooperation.

Currently, bilateral relations are actively developing in the oil and gas, chemical, transport and communication systems as well as cultural and humanitarian spheres. Since 2008, the "ENI" company has been involved in the implementation of large projects in the oil and gas sector of our country. Also, the equipment of Italian companies such as "Marzoli", "Savio", and "Cormatex" is actively used in the textile industry of our country. Cooperation in the cultural and humanitarian sphere is one of the priority areas. The exhibition "The Flourishing of Civilizations: Margiana and the Parthian Kingdom in the Bronze Age. Archaeological Discoveries in Turkmenistan", which scheduled to be held this year at the Capitoline Museum in Rome, should be especially noted in this regard. These examples testify to the great future of relations between the two fraternal peoples.

This positive cooperation between the Central Asian countries and the Republic of Italy is aimed at ensuring peace, security, and sustainable development. Also, this high-level meeting was great opportunity to open new page in the development of this cooperation.

**Hojamyrat BAYLYYEV,**
the 3rd year student
of the Faculty of International Relations.

С 4 по 6 июня в Баку состоялось 71-е заседание Комиссии ООН Туризм для Европы. В работе форума приняла участие делегация Туркменистана во главе с Чрезвычайным и Полномочным Послом Туркменистана в Федеративной Республике Германия, Постоянным представителем Туркменистана при ООН Туризм Бердымуратом Реджеповым.

# GELJEKDE DIPLOMATIÝANYŇ ÄHMIÝETI ÝOKARLANARMY?

***Baryp telegrafyň oýlanyp tapylmagy we 1865-nji ýylda ýöriteleşdirilen halkara gurama bolan Bütindünýä telegraf birleşiginiň döredilmegi bilen, dünýä metbugatynda geljekde daşary syýasaty durmuşa geçirmekde habar beriş serişdeleriň (HBS) diplomatiýanyň ornuny eýelejekdigi, professional diplomatlaryň hyzmatlarynyň zerur bolmajakdygy baradaky pikirlerdir tassyklamalar peýda bolup başlady. XX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap telearagatnaşygyň, hususan-da, internetiň peýda bolmagy we çalt ösüp başlamagy bilen, şeýle tassyklamalar has-da ýörgünli boldy.***

Geljekde diplomatiýanyň ähmiýetiniň juda peseljekdigini subut etmäge çalyşýan başga garaýyşlar hem az bolmady. Mysal üçin, käbir daşary (günbatar) ýurtlaryň ençeme syýasy işgärleri tarapyndan öňe sürlen garaýyşlarda soňky wagtlarda ähli esasy we ýiti halkara meseleleriň diplomatlar tarapyndan däl-de, eýsem, ahyrky netijede syýasatçylar — döwlet we hökümet ýolbaşçylary tarapyndan çözülýändigi, ilçihanalaryň, hatda daşary işler ministrlikleriniň ähmiýetiniň peselýändigi baradaky pikirler öňe sürüldi. Hususan-da, ABŞ-nyň Prezidentiniň milli howpsuzlyk boýunça öňki kömekçisi Zb.Bžezinski ABŞ-nyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň sanynyň düýpli kemeldilmegi, hatda olary ýapmaklygyň maksadalaýyklygy baradaky pikiri eýýäm 70-nji ýyllardan bäri öňe sürüp geldi.



Şu ýerde döwletiň daşary syýasy, diplomatik meselelerine şeýle jogapkärçiliksiz, sowatsyz garaýyşlaryň taryhda öňler hem bolandygyny belläp geçeliň. Mysal üçin, Russiýa Sowet Federatiw Sosialistik Respublikasynyň daşary işler halk komissary wezipesinde işlän D.Troski öz işiniň uzakmöhletleýin daşary syýasy maksatnamasyny işläp taýýarlamaklygy zerur hasap etmändir, sebäbi şol döwürde ol: «Rewolýusiýa ähli serhetleri ýok eder we şunlukda, diplomatlara bolan zerurlyk hem aradan aýrylar» diýip pikir edipdir. Özüniň «Dünýä rewolýusiýasy» taglymatyna görä, Troski DIM-iň hem ýakyn wagtdan zerurlygynyň bolmajakdygyny aýdypdyr.

Ýene-de bir mysal. Özüni az sowatly adam hökmünde tanadan, diplomatlary kemsitmekden lezzet alan Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary N.S.Hruşýew: «Diplomatiýany bizde Syýasy býuro, SSKP MK döredýär, şonuň üçin hem eger biz ministr wezipesine kolhoz başlygyny bellesek, şol hem ministriň işini başarar» diýip aýdypdyr.

Umuman, geljekde diplomatiýanyň roly barada ýokarda agzap geçen nukdaýnazarlarymyzyň ikisiniň hem, meniň pikirimçe, düýbünden esassyz bolup görünýändigini we şunlukda, muny subut etmekligiň hem hiç bir kynçylyk döretmeýändigini nygtamak bilen, geliň, bu meseläniň üstünde has dolurak durup geçeliň.

Ozaly bilen, HBS-iň habarynyň we diplomatik habaryň arasynda ähli ugurlar boýunça düýpli tapawudyň bardygyny belläp geçeliň. Mysal üçin, žurnalist alan habarlaryny HBS-ne berýär, diplomatlar bolsa taýýarlan habarlaryny öz hökümetlerine ýollaýarlar. Žurnalistiň wezipesi okyjyny gyzyklandyrýan we gazeti satyn almaga ony mejbur edip biljek zatlar barada ýazmak bolup durýar. Diplomatik habar barada aýdanymyzda bolsa, onda şeýle habar özüniň aýratyn hili bilen tapawutlanýar: diplomatik habaryň diňe bir ýokary gymmaty bolman, eýsem, ol uly jogapkärçilik bilen hem baglydyr, sebäbi Merkeze ýollanýan diplomatik habar döwlet derejesinde syýasy kararlary kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edip biler.

***Amangeldi RAHMANOW,***
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň
Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri,
Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi,
Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor,
taryh ylymlarynyň doktory,
filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.



# НОВОСТИ ДИПМИССИИ

1 июня Посольством Туркменистана в Республике Узбекистан в городе Ташкент был организован массовый велопробег, в котором приняли участие туркменские студенты, обучающиеся в различных высших учебных заведениях Узбекистана, а также представители туркменской диаспоры.



Кроме того, по инициативе Посольства Туркменистана в Республике Узбекистан в городе Ташкент был организован товарищеский футбольный турнир с участием команд, представляющих иностранные дипломатические миссии и международные организации, аккредитованные в Узбекистане.

1 июня Посольство Туркменистана в Российской Федерации провело массовый велопробег по набережным Москвы-реки вдоль Кремлевской стены.



В велопробеге вместе с сотрудниками Посольства активное участие приняли представители студенческой молодежи, как из числа граждан Туркменистана, так и граждан СНГ, обучающиеся в столичных высших учебных заведениях Российской Федерации.

3 июня в здании Азербайджанского культурного центра в Берлине состоялось культурное мероприятие под названием «Мастера инноваций и искусства: Вклад Тюркского Мира в мировую науку и культуру», совместно организованное Международной организацией тюркской культуры (ТЮРКСОЙ), посольствами Туркменистана, Азербайджанской Республики, Республики Казахстан, Республики Кыргызстан, Турецкой Республики и Республики Узбекистан в Федеративной Республике Германия.



5 июня в павильоне Туркменистана на Всемирной выставке ЭКСПО-2025 в Осаке состоялась конференция на тему «Экологическое благополучие - важное условие устойчивого развития». Мероприятие приурочено ко Всемирному дню окружающей среды.

***Подготовила:***
**Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,**
студентка II курса факультета международной журналистики.

6 июня в Консульстве Туркменистана в Федеративной Республике Германия (г. Франкфурт-на-Майне) состоялось культурное мероприятие, приуроченное к Международному году мира и доверия, а также к 30-летию постоянного нейтралитета Туркменистана.

# 100 beýik diplomat

## Diplomat bolmak — bu diňe hünär bolman, eýsem, halkyň ykbalyna täsir edýän ýol




IGOR MUSSKIÝ

Franklin Delano Ruzwelt 1882-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Gudzon derýasynyň kenarynda ýerleşýän Gaýd-Park mülkünde dünýä inýär. Ruzwelt 14 ýaşynda Grotondaky Endikotta Pibodi adyny göterýän ýerli baýlaryň mekdebinde okap başlaýar. Soňra Garwardda okuwyny dowam etdirýär. Bu ýerde Franklin özüni işjeňligi bilen tanadýar, onlarça talyplar klubunyň agzasy bolýar, uniwersitet gazeti bilen hyzmatdaşlyk edýär. Şeýdip, özüne birnäçe dost gazanýar. 1904-nji ýylda bolsa, Kolumbiýa uniwersitetiniň hukuk fakultetinde okuwyny dowam etdirýär.

Geljekki diplomaty hukuk ylymlary gyzyklandyrmaýardy. Şol sebäpli hem birnäçe synaglardan geçip bilmän, zerur derejäni alman uniwersiteti tamamlaýar. Muňa garamazdan, Ruzwelt aklawçylar kollegiýasyna kabul edilýär we Nýu-Ýorkuň meşhur «Karter, Ledýard & Milburn» firmasynda işe başlaýar.

1910-njy ýylda Ruzwelt demokratik partiýanyň Nýu-Ýork ştatynyň senatyna saýlanýar. Gysga wagtyň içinde özüni aldyryp, demokratlaryň liderine öwrülýär. Ruzwelt Wilsonyň syýasatyny berk goldap, onuň 1912-nji ýylyň Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanmagy üçin köp tagallalary edýär. Wilsonyň Prezidentlige saýlanmagy bilen bolsa, Harby-deňiz güýçleriniň ministriniň kömekçisi wezipesine bellenilýär.

1920-nji ýylda Ruzwelt Prezidentlige dalaş edýän Jeýms Koks bilen wise-prezidentlige hödürlenýär. Bu gezekki saýlawlarda demokratlar ýeňilýärler, Ruzwelt bolsa aklawçylyk işine gaýdyp barýar.

1921-nji ýylyň awgust aýynda Ruzwelt poliomiýelit keseline uçrap, bedeniniň tutuş aşaky bölegi ysmaz bolýar. Emma ol bu elhenç kesele el bermeýär, eýýäm 1922-nji ýylyň ýazynda pişekli ýöräp başlaýar. Ruzwelt diňe bir kesel bilen göreşmän, eýsem, Demokratik partiýanyň içki dawa-jenjellerini ýatyrmaga synanyşýar. Bu ýagdaýlardan birnäçe ýyl soň, has takygy, 1928-nji ýylda Ruzwelt Nýu-Ýorkuň gubernatory wezipesine saýlanýar.

Ruzwelt 1932-nji ýylyň Prezident saýlawlaryna Demokratik partiýa tarapyndan hödürlenende, oňa meşhurlyk getiren «Täze ugur» syýasaty entek taýýar däldi. Şeýle-de bolsa, «Beýik depressiýanyň» betbagtçylykly netijelerinden halys bolan amerikan raýatlary Ruzweltiň halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrjakdygyna tüýs ýürekden ynanýardylar. Şeýlelikde, 1932-nji ýylyň noýabrynda Ruzwelt Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazandy.

Ruzwelt halkyň ynamyny ödemegi başardy. Onuň «Täze ugur» syýasaty hakykatdan hem ýurdy tozgunçylykdan alyp çykdy, ykdysadyýeti gowulandyrdy, amerikan liberalizmini janlandyrdy.

1933-nji ýylda SSSR bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklarda-da öňegidişlikler gazanyldy. Ruzweltiň başlangyjy bilen iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy.

1936-njy ýyldaky saýlawlarda gazanan ajaýyp ýeňşinden soň, Ruzwelt Ýewropadaky ýagdaýlara has eserdeň garady. Mýunhen şertnamalary (1938) Ruzwelti Ýewropadaky demokratlar bilen birleşmäge mejbur eden esasy sebäpleriň biri boldy. Mundan beýläk Prezidentiň diktatorlary basyp ýatyrmak syýasaty üýtgewsiz bolup galdy we üç ýyldan Amerikanyň Ikinji jahan urşuna goşulmagy bu syýasatyň aýgytlaýjy bölegine öwrüldi.

1939-njy ýylyň başynda Ruzwelt agressiw ýurtlaryň gönümel atlaryny agzady. Olaryň hataryna Italiýa, Germaniýa we Ýaponiýa girýärdi. Şol ýylyň aprelinde faşistleriň Pragany basyp almagy bilen Ruzwelt kiçi ýurtlara garşy agressiýany Amerikanyň howpsuzlygyna abanýan howp hökmünde häsiýetlendirdi. 1939-njy ýylyň 8-nji aprelinde geçirilen metbugat ýygnagynda bolsa, Ruzwelt žurnalistlere şeýle diýdi: «Islendik kiçi döwletiň syýasy, ykdysady we jemgyýetçilik garaşsyzlygyny gorap saklamak, milli howpsuzlygymyza we abadançylygymyza oňyn täsir edýär. Olaryň haýsy hem birine howp abansa, ol biziň milli howpsuzlygymyzy gowşadýar we abadançylygymyzy peseldýär». Şeýle hem amerikan Prezidenti 14-nji aprelde Panamerikan bileleşiginiň ýygnagynda eden çykyşynda ABŞ-nyň howpsuzlyk bähbitleriniň mundan beýläk «Monro doktrinasy» bilen çäklenmeýändigini mälim etdi.



Franklin Delano Ruzwelt
(1882 — 1945)

ABŞ-nyň görnükli döwlet işgäri. ABŞ-nyň Prezidenti (1933–1945). Gitlere garşy koalisiýanyň döredilmegine we güýçlenmegine uly goşant goşdy. Kwebek konferensiýalaryna (1943 — 1944) işjeň gatnaşýar. Atlantik Hartiýasynyň (1941) işlenip düzülmegine gatnaşýar. Tähran (1943) we Krym (Ýalta) (1945) konferensiýalarynda ABŞ-a wekilçilik edýär.

**Terjime eden: Ajaýyp NOBATOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
IV ýyl talyby.




С 1 по 6 июня делегация Туркменистана совершила рабочую поездку в Астану для обмена опытом с Республикой Казахстан по вопросам членства во Всемирной торговой организации (ВТО).

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Baş redaktor
Täzegül AÝAZOWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.
Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
Korrektorlar: A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.
E-mail: hgi.redaksiya@gmail.com